***2025-nji ýylyň 9-12-nji iýuny aralygynda sportuň boks görnüşi boýunça 2007-2008-nji ýyllarda doglan oglanlaryň arasynda Daşoguz welaýatynyň birinjiligi geçirildi. Ýaryşa welaýatymyzyň türgenleri gatnaşdylar.***

Ýaryşda Şabat etrabynyň 1-nji sport mekdebinden 2008-nji ýylda doglan Hursand Adilbekow 75 kilogram agramda çykyş edip, I orna, şeýle hem 2008-nji ýylda doglan Babur Kopalsinow 60 kilogram agramda çykyş edip, II orna mynasyp boldular. Bu türgenleriň tälimçi-mugallymy Barkamal Ýuldaşowdyr. Ýeňiji bolan türgenlere Daşoguz welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Hormat hatlary gowşuryldy. Munuň özi häzirki wagtda sporty ösdürmek babatda edilýän bimöçber aladalaryň oňyn netijesidir, sportuň dürli görnüşleri boýunça kämilleşmek üçin zerur şertleriň döredilendigidir.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ähli künjeginde, şol sanda biziň sport mekdebimizde hem bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmak üçin ähli şertler döredildi. Giň mümkinçiliklerden peýdalanyp, ýaş nesillerimiziň sporty gündelik durmuşynyň aýrylmaz bir bölegine öwürmegi aýratyn buýsandyryjy ýagdaýdyr.

**Atahan ARTYKOW,**
**Daşoguz welaýatynyň Şabat etrabynyň**
**1-nji sport mekdebiniň direktorynyň orunbasary.**

Все права защищены